# Bürenjekli lezbiýanka

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bürenjekli lezbiýanka BÜRENJEKLI LEZBIÝANKA




*Surat: «Goýras harp bilen» («С большой буквы», или «Жи´рным шри´фтом»/»The Bold Type») teleserialyndan / Freeform.*

Iki polşaly intellektual – sosiolog Zigmunt Bauman (1925-nji ýylda doglan), teolog Stanislaw Obirek (1956-njy ýylda doglan)…

Ikisi-de şahsy durmuş ýollaryna salgylanyp:

– Ýagşa we ýamana nähili baha berýändigimiz;

– Saýlap alan zadymyzyñ jogapkärçiligini nähili başdan geçirýändigimiz we ýüzleşýändigimiz;

– Adam mertebesini, sylag-hormatyny haýsy gymmatlyklary göz öñüne tutup düşündirýändigimiz;

– Wyždan ýaly meselelerde ugrumyzy haýsy tarapa öwürýändigimiz… ýaly soraglaryñ çäginde taýýarlan gürrüñdeşlik kitaby şu aý çapsan çykdy: «Dünýä we özümiz hakda». (Umberto Ekonyñ we Kardinal Martininiñ arasyndaky «Ynanç ýa-da ynançsyzlyk» ýaly kitaby ýaly bulam höwes bilen okalaýjak gürrüñdeşlik kitaby).




Otuz ýyllap iezuit tarykatynyň arasynda gezen teolog Obirek «bigünälik-utanja galmak» temasyny «Injilden» alan şu mysaly bilen gürrüň berýär:

*«Adam ata bilen How enäniň özlerini alyp baryşynyň üýtgändigini gören Hudaý Adam atadan gadagan edilen agajyň miwesinden iýip-iýmändigini soraýar. Adam ata iýendigini boýun alanam bolsa, günäniň ýanýoldaşynyň boýnuna atýat. How enäniňem özüçe düşündirişi bar. Adam: «Maňa taý edip ýaradylan zenan agaçdan miwe ýolup berdi we men ol miwäni iýdim». Hudaý aýala şeýle diýdi: «Näme etdiň sen?». Aýal: «Meni ýylan azdyrdy!» diýip jogap berýär.*

*Bu dialog gutulgysyz jogapkärçilikden gaçmak hakdaky iñ gowy subutnama – biziñ edil häzir günäni başgalara ýöñkeme hekaýatydyr. «Men beýtjek däldim, meni Howa azdyrdy!» Aslynda hakyky günäkär – gözüñi-başyñy aýlaýan aýal Howany ýaratmak bilen Adamy bagtsyz eden Hudaýyñ özüdir. How ene jogapkärçilikden gaçýar we ýylany – Hudaýyñ ýaradan başga bir jandaryny günäkärleýär. Şeýdibem hemme zar başlangyjyna dolanyp barýar: Biziñ hemmämiz bizi nähili ýaradan bolsañ, şolar ýalydyrys!»*
Hawa…
Aýal «birinji dişlemesinden» bäri her pursatda diýen ýaly günäkär hasaplanyp, zulma uçrap gelýär! Mysal üçin, lezbiýankalyk «gadagan edilen miwemi»?



**• «Bumerangyñ söýgüsi»**

Psihiatr-lukman Ahmet Koýunjy…
Fobiýa ýaly ugurlarda ýazan alty sany ylmy eseri bar. Şol bir wagtyñ özünde «Bumerangyñ söýgüsi» atly roman hem ýazdy.
Romany bir oturamda okadym. Täsirinden çykyp bilmedim. Çünki…
Bu barada hiç pikirini etmedik başga bir zenan problemasy bilen ýüzbe-ýüs boldum oturyberdim: Bürenjekli lezbiýankalar!
«Biziñ mähellämizde» (çepçiler) tanaýan, hatda çaga edinen lezbiýanka tanyşlarym bar. Ýöne «goñşy mähelledäki» lezbiýanka meselesi hiç oýuma gelmändi. Muny Ahmet Koýunjynyñ romanyndan öwrendim. Roman hernäçe çeper eserem bolsa, sýužeti durmuşda bolup geçýän hakyky wakalara esaslanýardy.




Ol kitabyna ýazan sözbaşysynda şeýle diýýär:
*«Iş tejribämde maña ellä golaý lezbiýanka gabat geldi… Bularyñ köpüsi çagaly-çugaly we ärli aýallardy. Olar özlerini günäkär, hatda azgyn, ýoldan çykan hasaplaýardylar. Ýogsam bolmasa, jynsy meýil azgynlyk ýa-da kesel däldi. Muny näler düşündirsegem, ynançlaryna gabat gelmeýändigi sebäpli ynandyrmak mümkin däldi. Şol tanap ýetişenlerimiñ üçden birinden gowragy bolsa bürenjek dakynyp dini edim-gylymlara görä ýaşaýan aýallardy. Olar jynsy höwesleri bilen ynançlarynyñ arasynda näme etjeklerini bilmän galypdylar. Gorkunç yza çekýärdiler…»*

Hawa, bürenjek temasyny ençeme ýyllap dilimizden düşürmän gelýäris. Emma bürenjekli aýal-gyzlaryñ başdan geçirýän jynsy basyşlary ýaly birgiden problemalary agzamzogam. Edil göwreli edilip zyñlan kämillik ýaşyna ýetmedik gyzjagazlar meselesiniñ üstüniñ örtülişi ýaly. Problemalarymyz bilen boý ölçeşmäge gaýratymyz ýok. Şonuñ üçinem…

Ýekirlen, ýeke goýlan aýal-gyzlarymyz başdan geçirýän agyr basyşlarynyñ aşagyndan çykyp bilenok, ölümi iñ soñky çykalga hasaplaýarlar.

Edil Sinem ýaly…




- **Bir saýry hakykaty**

Ahmet Koýunjy romanynda Sinemiñ başdan geçirýän gaýgy-hasratlaryny we biçäreligini gürrüñ berýär.
Lezbiýankalygy Sinemiñ keýpine saýlap almandygyna gürrüñ ýok. Emma ol günäkärlik duýýan gomoseksual hyrujyny ýeñmek üçin kän göreşýär.
Dine ýönelýär: Bürenjek dakynýar. Namaz okamaga başlaýar. Her gije Hudaýa ýalbarýar…
Durmuşa çykýar, çagasy bolýar…
Goñşusy Äşegül bilen arasynda bolup geçen gizlin jynsy gatnaşygy äri Emrah tarapyndan bilnensoñ, derman içip, öz janyna kast edýär. Hernä ölmän galýar…
«Göz degipdir, doga-jady edilipdir» diýip, öýden doga gözlenýär. Ýaşaýan ýerlerini üýtgedýärler.
Psihiatra gidilýär. Lukmanyñ «gomoseksuallyk kesel däl» diýmegi Emrahy gaharlandyrýar. «Mukaddes kitabymyzyñ näletlän zady nädip kesel bolanokmyş» diýýär. Gaýdyp psihiatra gidilmeýär…
Kän wagtam geçmeýär:
Sinem içine düşen günäkärlik girdabyndan çykyp bilmän, hemme zat özüni günäkär saýýar we…
2011-nji ýylyñ sowuk mart güni öýüniñ balkonyndan ölümiñ goýnuna bökýär! Ýañy ýigrimiden geçen çagy…
Psihiatr Ahmet Koýunjy şeýle diýýär:
*«Bu kitap gomofobiýa garşy göreşmek üçin ýazylan, bolup geçen hakyky wakalary gürrüñ berýän durmuşy hekaýa. Kitabymy Anadolynyñ obalarynda we çet ýerlerinde gomoseksual hyruçlaryny gizlinje başdan geçirýän, içine gömmäge çytraşýan, özüni geteroseksual ýaşaýşa mejbur edýän we hasrat çekýän ýüz müñlerçe aýal-gyza bagyşlaýaryn».*




Sineme nebsim agyrdy. Şonuñ üçin «Bumerangyñ söýgüsi» romanyny okap gutaran badyma keç ykballar hakda gürrüñ edýän Baumandyr Obiregiñ «Dünýä we özümiz hakda» kitabyna ýapyşdym…
Durmuşynyñ we ynanjynyñ arasynda gysylyp galanlara okamagy maslahat berýärin.
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.01.2018 ý. Publisistika